**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2014-nji ýylyň 02-nji iýunynda**
**çykaran 13682-nji karary bilen**
**tassyklandy**

# Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralary hakynda Düzgünnama

1. Welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, şäherdäki etraplaryň häkimlikleriniň Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň bölümleri (mundan beýläk – RÝNÝ bölümleri), Geňeşler, şeýle hem raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almaga ygtyýarly edilen Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary (mundan beýläk – Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary) Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralary (mundan beýläk - RÝNÝ edaralary) bolup, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny döwlet tarapyndan bellige alýarlar.

2. RÝNÝ edaralary öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň Maşgala kodeksini, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem şu Düzgünnamany goldanýarlar.

3. RÝNÝ bölümleri öz işinde degişli häkimliklere, şeýle hem RÝNÝ edaralarynyň işini guramak boýunça Türkmenistanyň Adalat ministrligine onuň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde tabyndyr.

4. RÝNÝ bölümleriniň esasy wezipeleri:

raýatlaryň emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklaryny, şeýle hem döwletiň bähbitlerini goramak maksady bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň we raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygyny tassyklaýan beýleki resminamalaryň berilmegini üpjün etmek;

RÝNÝ bölümleriniň arhiwini döretmek we onuň abat saklanmagyny üpjün etmek;

RÝNÝ bölümlerinde saklanylýan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny bir ülňä getirmek, olaryň hasabyny ýöretmek hem-de raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnyşynyň kitaplaryny (mundan beýläk - nama kitaplary) saklamak üçin talaba laýyk şertleri üpjün etmek;

RÝNÝ bölümleriniň işini kämilleşdirmegi we ilata medeniýetli hyzmat etmegi üpjün etmek bolup durýar.

5. Geňeşleriň raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly esasy wezipeleri:

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dogluşy, nikanyň baglaşylmagyny, nikanyň bozulmagyny, atalygyň anyklanylmagyny, ölümi döwlet tarapyndan bellige almak;

dogluşyň, nikanyň baglaşylmagynyň, nikanyň bozulmagynyň, atalygyň anyklanylmagynyň, ölümiň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň we raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygyny tassyklaýan beýleki resminamalaryň berilmegini üpjün etmek;

Geňeşlerde saklanylýan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny bir ülňä getirmek, olaryň hasabyny ýöretmek hem-de nama kitaplaryny saklamak üçin talaba laýyk şertleri üpjün etmek;

Geňeşleriň arhiwini döretmek we onuň abat saklanmagyny üpjün etmek;

Geňeşleriň işini kämilleşdirmegi we ilata medeniýetli hyzmat etmegi üpjün etmek bolup durýar.

6. Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly esasy wezipeleri:

Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň dogluşyny, nika baglaşmagyny, nika bozmagyny, perzentlige almagyny, atalygynyň anyklanylmagyny, familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmegini, ölümini Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet tarapyndan bellige almak;

Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň dogluşynyň, nika baglaşmagynyň, nika bozmagynyň, perzentlige almagynyň, atalygynyň anyklanylmagynyň, familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmeginiň, ölümini döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň we raýat ýagdaýynyň

namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygyny tassyklaýan beýleki resminamalaryň berilmegini üpjün etmek;

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň raýat ýagdaýynyň namalarynyň arhiwini döretmek we onuň abat saklanmagyny üpjün etmek;

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynda ýa-da konsullyk edaralarynda saklanylýan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryny bir ülňä getirmek, olaryň hasabyny ýöretmek hem-de nama kitaplaryny saklamak üçin talaba laýyk şertleri üpjün etmek;

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň işini kämilleşdirmegi üpjün etmek bolup durýar.

7. RÝNÝ bölümleri öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda şu işleri amala aşyrýarlar:

dogluşyň, nikanyň baglaşylmagynyň, nikanyň bozulmagynyň, perzentlige alynmagynyň, atalygyň anyklanylmagynyň, familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň, ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny geçirýärler;

dogluşyň, nikanyň baglaşylmagynyň, nikanyň bozulmagynyň, perzentlige alynmagynyň, atalygyň anyklanylmagynyň, familiýanyň, adyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň, ölümiň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalary berýärler;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmek hakyndaky resminamalar toplumyny taýýarlaýarlar hem-de netijenamalary düzýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny bellenen tertipde ýatyrýarlar we (ýa-da) dikeldýärler;

ýüz tutýanlaryň islegi boýunça dogluşy we nikanyň baglaşylmagyny dabaraly ýagdaýda döwlet tarapyndan bellige almagy, işi sazlaşykly guramagy hem-de hyzmat etmegiň ýokary medeniýetini üpjün edýärler;

milli adatlary we däp-dessurlary öwrenmek, ulanmak, gorap saklamak hem-de ýaýratmak boýunça işleri geçirýärler;

özünde saklanylýan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň esasynda raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda gaýtadan şahadatnamalary we güwänamalary berýärler;

Türkmenistanyň raýatlarynyň familiýasynyň, adynyň we atasynyň adynyň üýtgedilýändigi hakynda netijenamany bellenen tertipde taýýarlaýarlar;

dogluş we ölüm hakyndaky namalaryň doly hem-de öz wagtynda döwlet tarapyndan bellige alynmagyny üpjün edýärler;

Geňeşler tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň dogry düzülendigini barlaýarlar, ýol berlen ýalňyşlyklaryň düzedilmegi barada çäreleri görýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky maglumatlary bellenen tertipde edara görnüşli we şahsy taraplara berýärler;

degişli barlaglaryň esasynda raýat ýagdaýynyň namalarynyň ilkinji ýa-da dikeldilen ýazgysynyň ýokdugy hakyndaky maglumatlary edara görnüşli we şahsy taraplara berýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky statistiki hasabaty bellenen tertipde berýärler;

RÝNÝ bölümi tarapyndan amala aşyrylan hereketleriň sany hem-de raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy üçin tölenen döwlet pajy baradaky maglumatlar we raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky berlen şahadatnamalar üçin ýygymlar barada statistiki hasabaty bellenen tertipde berýärler;

öz arhiwini döredýärler, nama kitaplarynyň, beýleki resminamalaryň bellenen möhletleriň dowamynda ygtybarly saklanylmagyny hem-de hasabynyň ýöredilmegini üpjün edýärler we olary Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Raýatlyk ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň Merkezi arhiwine (mundan beýläk - RÝNÝ Merkezi arhiwi) tabşyrýarlar;

kagyz we elektron göterijilerde raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň birinji nusgalarynyň hasabyny ýöredýärler, bir ülňä getirýärler, ýazgylary degişli tertipde nama kitaplara toplaýarlar we saklaýarlar;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň ikinji nusgalaryny RÝNÝ Merkezi arhiwine iberýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň elektron görnüşli maglumatlar goruny döredýärler we olaryň abat saklanylmagyny üpjün edýärler;

döwlet tarapyndan bellige alnan raýat ýagdaýynyň namalarynyň bir bitewi binýadyny ýöretmek maksady bilen, çärýekde bir gezek RÝNÝ

Merkezi arhiwine bellenen görnüşde elektron görnüşli raýat ýagdaýynyň döwlet tarapyndan bellige alnan namalarynyň ýazgylary hakyndaky maglumatlary iberýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňülerini we nama kitaplaryny almak üçin ýüztutmalary taýýarlaýarlar;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňüleriniň bellenen tertipde hasabyny ýöretmegi, saklamagy we dogry peýdalanmagy üpjün edýärler;

zähmetiň guralyşyny kämilleşdirmek, ilata hyzmat edilişiniň derejesini, şol sanda awtomatlaşdyrylan ulgamy öz işine ornaşdyrmak arkaly ýokarlandyrmak boýunça çäreleri taýýarlaýarlar hem-de amala aşyrýarlar;

raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak meseleleri bilen bagly Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlaýarlar;

öz işgärleri üçin okuw-usulyýet çärelerini guraýarlar;

raýat ýagdaýlarynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly meseleler boýunça Geňeşlere usulyýet kömegini berýärler;

Türkmenistanyň maşgala hakynda kanunçylygyny düşündirýärler;

raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak boýunça işi guraýarlar;

ýüz tutýanlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz wagtynda we dogry garalmagyny guraýarlar hem-de şolar boýunça zerur çäreleri görýärler;

RÝNÝ bölüminiň işgärlerini seçip almak, taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak boýunça iş geçirýärler;

RÝNÝ bölüminiň işiniň guralyşyny gowulandyrmak, ony talaba laýyk edara jaýy, enjamlar, guramaçylyk tehnikasy, milli däp-dessurly nyşanlar bilen üpjün etmek baradaky teklipleri degişli edaralara berýärler;

öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda beýleki işleri amala aşyrýarlar.

8. Geňeşler öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda şu işleri amala aşyrýarlar:

doglușyň, nikanyň baglaşylmagynyň, nikanyň bozulmagynyň, atalygyň anyklanylmagynyň, ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny geçirýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalary we güwänamalary berýärler;

ýüz tutýanlaryň islegi boýunça dogluşy we nikanyň baglaşylmagyny dabaraly ýagdaýda döwlet tarapyndan bellige almagy geçirýärler;

işi sazlaşykly guramagy hem-de hyzmat etmegiň ýokary medeniýetini üpjün edýärler;

milli adatlary we däp-dessurlary öwrenmek, ulanmak, gorap saklamak hem-de ýaýratmak boýunça işleri geçirýärler;

dogluş we ölüm hakyndaky namalaryň doly hem-de öz wagtynda bellige alynmagyny üpjün edýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň dogry düzülmegini üpjün edýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky maglumatlary bellenen tertipde edara görnüşli we şahsy taraplara berýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky statistiki hasabaty bellenen tertipde berýärler;

Geňeş tarapyndan amala aşyrylan hereketleriň sany hem-de raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy üçin tölenen döwlet pajy baradaky maglumatlar we raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky berlen şahadatnama üçin ýygymlar barada statistiki hasabaty bellenen tertipde berýärler;

öz arhiwini döredýärler, nama kitaplarynyň, beýleki resminamalaryň bellenilen möhletleriň dowamynda ygtybarly saklanylmagyny hem-de hasabynyň ýöredilmegini üpjün edýärler we olary degişli RÝNÝ bölümine tabşyrýarlar;

kagyz we elektron görnüşli raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň birinji nusgalarynyň hasabyny ýöredýärler, bir ülňä getirýärler, ýazgylary degişli tertipde nama kitaplara toplaýarlar we saklaýarlar;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň ikinji nusgalaryny degişli RÝNÝ bölümine iberýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň elektron görnüşli maglumatlar goruny döredýärler we olaryň abat saklanylmagyny üpjün edýärler;

döwlet tarapyndan bellige alnan raýat ýagdaýynyň namalarynyň bir-bitewi binýadyny ýöretmek maksady bilen, çärýekde bir gezek

degişli RÝNÝ bölümine bellenilen görnüşde elektron göterijilerde raýat ýagdaýynyň döwlet tarapyndan bellige alnan namalarynyň ýazgylary hakyndaky maglumatlary iberýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňülerini we nama kitaplaryny almak üçin ýüztutmalary taýýarlaýarlar;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňüleriniň bellenen tertipde hasabyny ýöretmegi, saklamagy we dogry peýdalanmagy üpjün edýärler;

zähmetiň guralyşyny kämilleşdirmek, ilata hyzmat edilişiniň derejesini, şol sanda awtomatlaşdyrylan ulgamy öz işine ornaşdyrmak arkaly ýokarlandyrmak boýunça çäreleri taýýarlaýarlar hem-de amala aşyrýarlar;

Geňeşiň raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen bagly işiniň guralyşyny gowulandyrmak, ony talaba laýyk edara jaýy, enjamlar, guramaçylyk tehnikasy, milli däp-dessurly nyşanlar bilen üpjün etmek baradaky teklipleri degişli edaralara berýärler;

öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda beýleki işleri amala aşyrýarlar.

9. Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda şu işleri amala aşyrýarlar:

Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň dogluşyny, nika baglaşmagyny, nika bozmagyny, perzentlige almagyny, atalygynyň anyklanylmagyny, familiýasynyň, adynyň we atasynyň adynyň üýtgedilmegini, ölümini döwlet tarapyndan bellige almagy geçirýärler;

Türkmenistanyň çäginden daşarda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň dogluşynyň, nika baglaşmagynyň, nika bozmagynyň, perzentlige almagynyň, atalygynyň anyklanylmagynyň, familiýasynyň, adynyň we atasynyň adynyň üýtgedilmeginiň, ölüminiň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalary berýärler;

Türkmenistanyň raýatlarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň RÝNÝ edaralarynda raýat ýagdaýynyň namalary bellige alnan we Türkmenistanyň çäginden daşynda hemişelik ýaşaýan, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler

girizmek hakynda, şeýle hem raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyny ýatyrmak we (ýa-da) dikeltmek hakynda haýyşnamalaryny kabul edýärler;

özünde saklanylýan raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň esasynda raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda gaýtadan şahadatnamalary we güwänamalary berýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň we Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary tarapyndan amala aşyrylan beýleki hereketleriň sany hem-de raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy üçin tölenilen ýygymlary baradaky maglumatlar we raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky berlen şahadatnamalar barada hasabaty bellenen tertipde berýärler;

öz arhiwini döredýärler, nama kitaplarynyň, beýleki resminamalaryň bellenilen möhletleriň dowamynda ygtybarly saklanylmagyny hem-de hasabynyň ýöredilmegini üpjün edýärler we olary bellenen tertipde RÝNÝ Merkezi arhiwine tabşyrýarlar;

kagyz we elektron göterijilerde raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň birinji nusgalarynyň hasabyny ýöredýärler, bir ülňä getirýärler, ýazgylary degişli tertipde nama kitaplara toplaýarlar we saklaýarlar;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň ikinji nusgalaryny RÝNÝ Merkezi arhiwine iberýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň elektron göterijilerde maglumatlar goruny döredýärler we olaryň abat saklanmagyny üpjün edýärler;

döwlet tarapyndan bellige alnan raýat ýagdaýynyň namalarynyň bir bitewi binýadyny ýöretmek maksady bilen, çärýekde bir gezek bellenen tertipde RÝNÝ Merkezi arhiwine bellenilen görnüşde elektron göterijilerde raýat ýagdaýynyň döwlet tarapyndan bellige alnan namalarynyň ýazgylary hakyndaky maglumatlary iberýärler;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňülerini we nama kitaplaryny almak üçin ýüztutmalary taýýarlaýarlar;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňüleriniň bellenen tertipde hasabyny ýöretmegi, saklamagy we dogry peýdalanmagy üpjün edýärler;

raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak meseleleri bilen bagly Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlaýarlar;

Türkmenistanyň maşgala hakyndaky kanunçylygyny düşündirýärler;

raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak boýunça işi guraýarlar;

ýüz tutýanlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz wagtynda we dogry garalmagyny guraýarlar hem-de şolar boýunça zerur çäreleri görýärler;

öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda beýleki işleri amala aşyrýarlar.

10. RÝNÝ bölümleriniň:

şahsy we edara görnüşli taraplardan raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak üçin zerur bolan resminamalary bellenen tertipde sorap almaga;

Türkmenistanyň raýatlarynyň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmek hem-de raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmek bilen bagly şahsy we edara görnüşli taraplardan zerur resminamalary talap etmäge;

RÝNÝ bölüminiň işini kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamaga hem-de degişli edaralara bermäge;

lukmançylyk edaralaryndan doglan we ölen adamlar hakyndaky maglumatlary almaga;

esasly sebäpler ýa-da aýratyn ýagdaýlar bolan mahalynda nika baglaşylmagynyň möhletini gysgaltmaga ýa-da uzaltmaga;

esasly sebäpler bolan mahalynda, şeýle hem kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki halatlarynda nikanyň bozulmagynyň möhletini uzaltmaga;

zerur halatlarda RÝNÝ bölüminiň işine degişli hünärmenleri bellenen tertipde çekmäge hukugy bar.

11. Geňeşleriň:

şahsy we edara görnüşli taraplardan raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak üçin zerur bolan resminamalary bellenen tertipde sorap almaga;

Geňeşiň raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly işini kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamaga hem-de degişli edaralara bermäge;

lukmançylyk edaralaryndan doglan we ölen adamlar hakyndaky

maglumatlary almaga;

esasly sebäpler ýa-da aýratyn ýagdaýlar bolan mahalynda nika baglaşylmagynyň möhletini gysgaltmaga ýa-da uzaltmaga;

esasly sebäpler bolan mahalynda, şeýle hem kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki halatlarynda nikanyň bozulmagynyň möhletini uzaltmaga hukugy bar.

12.Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň:

şahsy we edara görnüşli taraplardan raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak üçin zerur bolan resminamalary bellenen tertipde sorap almaga;

Türkmenistanyň raýatlarynyň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmek bilen bagly şahsy we edara görnüşli taraplardan zerur resminamalary talap etmäge;

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly işini kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamaga hem-de degişli edaralara bermäge;

lukmançylyk edaralaryndan doglan we ölen adamlar hakyndaky maglumatlary almaga;

esasly sebäpler ýa-da aýratyn ýagdaýlar bolan mahalynda nika baglaşylmagynyň möhletini gysgaltmaga ýa-da uzaltmaga;

esasly sebäpler bolan mahalynda, şeýle hem kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki halatlarynda nikanyň bozulmagynyň möhletini uzaltmaga hukugy bar.

13. RÝNÝ bölümleri:

RÝNÝ bölümi tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada bellenen tertipde hasabat bermäge;

RÝNÝ bölüminiň işine degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşmaga, degişli teklipleri we bellikleri bermäge;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňüleriniň, nama kitaplarynyň, raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen bagly resminamalaryň talaba laýyk saklanylmagyny hem-de peýdalanylmagyny üpjün etmäge;

döwlet syrlaryny we kanun arkaly goralýan beýleki syrlary goramagy üpjün etmäge;

ygtyýarly edaralaryň resmi ýüztutmalary boýunça raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy barada maglumatlary bermegi üpjün etmäge;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz üstüne ýüklenen beýleki borçlary talaba laýyk berjaý etmäge borçlydyrlar.

14. Geňeşler:

Geňeş tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly ýerine ýetirilen işler barada bellenen tertipde hasabat bermäge;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň birinji we ikinji nusgalaryny bellenen tertipde degişli RÝNÝ bölümine bermäge;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňüleriniň, nama kitaplarynyň, raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen bagly resminamalaryň talaba laýyk saklanylmagyny hem-de peýdalanylmagyny üpjün etmäge;

döwlet syrlaryny we kanun arkaly goralýan beýleki syrlary goramagy üpjün etmäge;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz üstüne ýüklenen beýleki borçlary talaba laýyk berjaý etmäge borçlydyrlar.

15. Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary:

raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada bellenen tertipde hasabat bermäge;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňüleriniň, nama kitaplarynyň, raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen bagly resminamalaryň talaba laýyk saklanylmagyny hem-de peýdalanylmagyny üpjün etmäge;

döwlet syrlaryny we kanun arkaly goralýan beýleki syrlary goramagy üpjün etmäge;

ygtyýarly edaralaryň resmi ýüztutmalary boýunça raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy barada maglumatlary bermegi üpjün etmäge;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz üstüne ýüklenen beýleki borçlary talaba laýyk berjaý etmäge borçlydyrlar.

16. RÝNÝ bölümine bellenen tertipde wezipä bellenýän hem-de wezipeden boşadylýan müdir baştutanlyk edýär.

RÝNÝ bölüminiň müdiri wezipesine ýokary hukuk bilimi bolan Türkmenistanyň raýaty bellenip bilner.

17. RÝNÝ bölüminiň müdiri:

RÝNÝ bölüminiň işine ýolbaşçylyk edýär;

RÝNÝ bölüminiň öňünde duran wezipeleriň ýerine ýetirilmegini we öz üstüne ýüklenen işleri amala aşyrmagy üpjün edýär;

RÝNÝ bölüminiň işi üçin, raýat ýagdaýynyň namalarynyň doly hem-de öz wagtynda döwlet tarapyndan bellige alynmagy, RÝNÝ bölüminiň işinde kanunylygyň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik çekýär;

nama kitaplarynyň we beýleki resminamalaryň talaba laýyk saklanylmagy, hasabynyň ýöredilmegi we alnyp barylmagy üçin, olaryň öz wagtynda daşynyň gaplanmagy hem-de dikeldilmegi üçin jogapkärçilik çekýär;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalaryň ülňüleriniň hasabyny ýöredýär, olaryň talaba laýyk saklanylmagy, hasabynyň ýöredilmegi hem-de harçlanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamalara we beýleki resminamalara gol çekýär hem-de olary RÝNÝ bölüminiň möhüri bilen berkidýär;

raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmek hakynda netijenamany tassyklaýar;

raýat ýagdaýynyň namasyny döwlet tarapyndan bellige alynmakdan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýüz döndermegiň sebäplerini ýazmaça görnüşde habar berýär;

dogluşyň we ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky maglumatlaryň bellenen tertipde degişli döwlet edaralaryna berilmegi üçin jogapkärçilik çekýär;

RÝNÝ bölüminiň işini kämilleşdirmek boýunça teklipleri degişli edaralara berýär;

RÝNÝ bölüminiň işgärleriniň wezipe borçlaryny kesgitleýär;

raýatlary kabul edýär;

RÝNÝ bölüminiň iş meýilnamasyny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;

RÝNÝ bölüminiň işgärleriniň we degişli Geňeşleriň wekilleriniň hünärini ýokarlandyrmagy üpjün edýär;

RÝNÝ bölüminiň serişdeleriniň we maddy gymmatlyklarynyň abat saklanylmagyny üpjün edýär;

RÝNÝ bölüminiň işgärleri tarapyndan raýat ýagdaýynyň namalarynyň döwlet tarapyndan bellige alynyşynyň we resminamalaryň ýerine ýetirilişiniň hiline we möhletlerine gözegçilik edýär;

RÝNÝ bölüminiň möhüriniň abat saklanylmagy we peýdalanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär;

RÝNÝ bölüminiň işgärleri tarapyndan ilata medeniýetli hyzmat edilmegi üçin jogapkärçilik çekýär;

RÝNÝ bölüminiň işgärleriniň zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmeklerini üpjün edýär;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda RÝNÝ bölüminiň işgärlerini işe kabul edýär we işden boşadýar;

RÝNÝ bölüminiň işgärleri barada höweslendiriş we düzgün-nyzam temmi çärelerini bellenen tertipde ulanýar;

öz ygtyýarlarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

18. RÝNÝ bölüminiň wezipe sanawy degişli häkimlik tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

19. RÝNÝ bölümi tarapyndan amala aşyrylýan hyzmatlary üçin töleg gowuşýan RÝNÝ bölüminiň býujetden daşary hasaby bar.

20. RÝNÝ bölümini saklamak bilen bagly çykdajylar ýerli býujetiň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

21. RÝNÝ bölümleri edara görnüşli tarapdyr, onuň Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy şekillendirilen we öz ady ýazylan möhüri, möhürçeleri we blanklary bar.

22. RÝNÝ bölümi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýär, üýtgedip guralýar we ýatyrylýar.